Hormatly mugallymlar, talyp ýoldaşlar, eziz ildeşler!

Bu gün meniň kalbymda çäksiz buýsanç, uly tolgundyryş we Watanyma bolan çuňňur söýgi jemlenýär. Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen Milli Dünýä Dilleri Institutynyň Ýewropa dilleri we edebiýaty fakultetiniň ispan dili hünäri boýunça 1-nji ýyl talyby bolmagym meniň ömrümiň iň täsin, iň ýatdan çykmajak pursady.

Bu ýokary okuw jaýynyň bosagasyny ätlemek, diňe bir meniň şahsy üstünliklerimiň däl, eýsem, halkymyzyň we Watanymyzyň beýik geljegine hyzmat etmek üçin açylan täze menziliň başlangyjy hökmünde aýratyn ähmiýete eýedir. Ispan dilini we edebiýatyny öwrenip, dünýäniň medeniýetini, däp-dessurlaryny, dilini özleşdirip, mukaddes Watanymyza, Arkadagly Serdarymyzyň baştutanlygynda, täze sepgitlere ýetmekde, halkara abraýyny belende götermekde uly hyzmat etmek meniň iň uly maksatlarymdan biridir.

Gadyrly Arkadagymyz, Arkadagly Serdarymyz bize bu beýik mümkinçilikleri döredip, dünýäniň ähli dillerini öwrenmek, halkara hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmak, ýurdumyzy dünýä tanatmak üçin giň mümkinçilikleri üpjün etdiler. Bu ajaýyp şertler, biziň öňümizde goýlan beýik maksatlarymyzyň durmuşa geçirilmegine güýç-kuwwat berýär. Bu sebäpden, meniň buýsanmagymyň çägi ýok. Biziň her bir ädimimizde Arkadagymyzyň we Arkadagly Serdarymyzyň mukaddes tagallalarynyň barha rowaç alýandygyna göz ýetirýäris.

Bu fakulteýde aljak bilimim, meniň üçin Watanymyza bolan wepalylygyň, hormatyň we söýginiň jemidir. Watanymyza mynasyp hyzmat etmek üçin men ähli zähmetimi, ähli güýjümi, ähli ylhamymy bu ýagty ýolda ulanmaga taýýar.

Eziz talyp ýoldaşlar, bagtly döwrüň bagtyýar nesilleri hökmünde biz her birimiz ýurdumyza bolan söýgimizi, buýsanjymyzy we jogapkärçiligimizi her gün ýüregimizde duýup, ýaşamaly. Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Serdarymyzyň bize bolan ynamyny ödemek üçin jan aýaman zähmet çekip, uly ýeňişlere ýetmelidiris. Meniň şahsy maksadym, bu ýokary okuw jaýynda aljak bilimim arkaly, halkymyzyň öňe sürýän ähli maksatlaryna ýetmegine öz goşandymy goşmakdyr.

Talyplaryň ýeňişler bilen ýakyn aragatnaşykda bolmagyny, her bir ädimde üstünliklere ýoldaş bolmagyny tüýs ýürekden arzuw edýärin!

**Goçguly GOÇGULYÝEW,**
**Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen Milli**
**Dünýä dilleri nstitutynyň talyby**

Все права защищены

save pdf date >>> 24.11.2024